# Gysgajyk hekaýalar

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gysgajyk hekaýalar

GYSGAJYK HEKAÝALAR

▶ UMYT

Bir gün Süleýman pygamber, ullakan daşy süýräp barýan garynja duş gelip, ondan:
– Özge garynjalar däne bilen, daşyñ saña nämä hajaty düşdi – diýipdir. Garynja:
– Daşdan däne alyp, däneden hem daş gaýryp bilmedige, hiniñ zerurlygynyñ  hem ýokdugyny unutdypsyñ Suleyman!
Men Mur mäligi Munzyrañ gyzyna aşyk bolup, söz aýtdym.
Ol maña ýoluñ sagynda duran daşly depäny soluna daşap geçirseñ gyzymy bereýin diýdi.
Suleýman:
Seniñ bu işi etmäge ömrüñ ýetermi?
– Eý Suleýman! Sen gowusy gitde Mubzyra ayt. Goý gyzyny bezäbersin. Heý-de Umytlyñam  ömri gutararmy – diýip jogap beripdir.

▶ BALYKÇYNYÑ GYZY

Gün-güzeranyny balyk bilen geçirip ýören balykçy üç günläp balyksyz öýüne dolanmaly bolupdyr. Muña gatyrganan aýaly ondan sebäbini sopapdyr. Ol:
– Bu  günler deñziñ balyklary zikr edýän bolarly. Ýogsam torum boş bolanokdy.
Aýaly:
– Balyklaram zikr edýärlermi?
– Bohow, bohow, keýwany, sen-ä oñaraýdyñow. Balyklaran esil adamlar ýaly Hudaýy birden unutsa tora düşýärler – diýip jogap beripdir.
Bularyñ on onki ýaşly gyzjagazy gürrüñe goşulyp:

– Kaka! Adamlaram balyklar ýaly tora dūşýärmi?
– Elbetde, gyzym! Olar şeýtanyñ toruna düşýärler – diýip jogap beripdir.
Ertesi göwni gumana gaplanan balykçynyñ aýaly gyzjagazyny adamsynyñ ýany bilen ugradypdyr.
Bu gezek balykçynyñky örän şowly bolupdyr. Ol tutan balygyny gyzyna berip durupdyr.
Gyzjagaz bolsa kakasyna bildirmän balyklary deñze goýberip durupdyr.
Öýe gaýtmakçy bolan balykķçy :
– Gyzym, hany balyklar!
Gyzjagaz:
– Men olary şeýtanyñ toruna düşmesin diýip deñze goýberdim.
Balykçy bolsa:
– Biz şeýtan däl ahyryn -diýip jogap beripdir.

Halk döredijiligi we rowaýatlar